# Nagmalar nagmasy

## Giriş

*Nagmalar nagmasy* kitaby adyndan belli bolşy ýaly, iň saýlama, iň gözel nagmalaryň ýygyndysydyr. Bu nagmalaryň käbiri patyşalyk süren Süleýman pygamber tarapyndan ýazylan bolsa, käsi ol barada ýa-da onuň üçin ýazylandyr.

*Süleýmanyň pähimleri* kitabynda danalygyň zenan keşbinde suratlandyrylyşy ýaly (8:1), bu kitapdaky nagmaçynyň sesi hem zenana degişlidir. Ol öz nagmalarynda söýginiň gözelligini, söýgüli ýarynyň owadanlygyny wasp edýär.

Kitap öwüt-ündew äheňinde ýazylandyr. Ol söýgüli ýarlaryň nikadaky lezzetli gatnaşyklarynyň Hudaý tarapyn ozaldan kesgitlenendigini belleýär. Bu gatnaşyklar lezzetden doly we diýseň ajaýypdyr! Emma käbir adamlar bu nagmalar Hudaý bilen ysraýyl halkynyň ýa-da Isa Mesih bilen imanlylar ýygnagynyň gatnaşyklaryny wasp edýär diýip düşünýärler.

Kitabyň asyl nusgasy ýewreý dilinde ajaýyp goşgular görnüşinde ýazylandyr. Şonuň üçin-de, ol türkmen diline hem mümkin boldugyndan şahyranalyk bilen terjime edildi.

**Mazmuny**


Birinji aýdym 1:1—2:7
Ikinji aýdym 2:8—3:5
Üçünji aýdym 3:6—5:1
Dördünji aýdym 5:2—6:3
Bäşinji aýdym 6:4—8:4
Altynjy aýdym 8:5-14


## 1-nji bap

*Süleýmanyň nagmalar nagmasy*

*Gyz*

1 Dodaklary bilen, goý, meni öpsün!
Çünki şerapdan datlydyr söýgiň!
2 Müşki-anbarlaryň neneňsi hoşboý,
adyň-da dökülen atyr deý,
şonuň üçin gyzlar söýýärler seni.
3 Meni özüň bilen alaý, howlugaly.
Şazadam meni içki otagyna getirdi.

Bile lezzet alarys senden;
şerapdanam zyýada wasp ederis yşgyňy;
sen olaryň söýgisine mynasyp.

4 Eý, Iýerusalim gyzlary,
garaýagyz-da bolsam, görmegeýdirin,
gara men Kedaryň çadyrlary deý,
owadan men Süleýmanyň perdeleri deý.
5 Garaýagyzlygyma bakmaň,
gün garaltdy meni.
Enemiň ogullary maňa gaharlandylar;
üzüm bagyna meni sakçy goýdular,
ýöne öz üzüm bagyma bakyp bilmedim.
6 Eý, köňlümiň aşygy, aýt maňa,
Nirede bakýaň süriňi?
Günorta çagy olara nirede dynç berýäň?
Ýoldaşlaryňyň sürüleriniň ýanynda
näme üçin sergezdan zenan dek bolaýyn?

*Ýigit*

7 Eý, gözelleriň soltany!
Eger bilmeseň,
sürüniň yzy bilen git,
çopanlaryň çadyrynyň ýanynda
owlaklaryňy bak.
8 Faraonyň arabasyna goşulan
baýtala meňzedýärin seni,
eý, meniň magşugym!
9 Şelpeli ýaňaklaryň,
hünjüli boýnuň ne gözel!
10 Kümüş düwmeli
tylla şelpeler ýasarys saňa.

*Gyz*

11 Şazadam suprasynda otyrka,
nard atyrym hoşboý ysyny saçdy.
12 Aşygym meniň üçin
göwüslerimiň arasynda ýatýan
mür[1] bogdajygydyr.
13 Aşygym meniň üçin
Engedi üzüm baglaryndaky
hyna gülleriniň çogdamydyr.

*Ýigit*

14 Sen neneňsi gözel,
Söýgüli dildarym, meniň!
Sen neneňsi gözel,
gögerçin gözlim!

*Gyz*

15 Gör, nähili syratly sen,
eý, meniň söýgüli ýarym,
neneňsi hoşroý sen!
Gök maýsalykdyr ýatýan ýerimiz.
16 Kedrdendir diregleri öýmüziň,
arçadandyr üçegi.

[1]**1:12** ***Mür*** — ýakymly ysly ösümlik. Sözlüge seret.